# Manyly ömür

Category: Goşgular,Kitapcy,Poemalar,Ýatlamalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Manyly ömür

MANYLY ÖMÜR

1975-nji ýylyň sentýabr aýynyň soňky günleriniň birinde Balkan welaýatynda belli ýazyjy-şahyrlaryň döredijilik duşuşyklary geçirilýärdi. Aşgabatdan Balkan welaýatyna öz döreden eserleri barada okyjylar bilen pikir alyşmaga gelen ýazyjy-şahyrlaryň arasaynda Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gurbannazar Ezizow hem bardy.
Bu döredijilik duşuşygyna gatnaşýan ýazyjy-şahyrlar Gyzylsuw obasyna motorly gämi bilen gitmeli boldular. Sebäbi bu ýarym adanyň gury ýer bilen çäkleşýän bölegi gämi gatnawy üçin gazylypdy. Ýazyjy-şahyrlar ilki bilen mekdepde, soňra medeniýet öýünde döredijilik duşuşygyny geçirdiler. Çeper söze sarpa goýup, ýazyjy-şahyrlaryň döredijiligi bilen içgin gyzyklanýan okyjylar köpçüligi olaryň öz döredijiligi barada berýän gürrüňlerini, täze döreden goşgularyny üns bilen diňlediler.
Sahna belli şahyr Gurbannazar Ezizow geldi. Uly zaly tutup oturan okyjylar şahyry uly şowhun bilen garşy aldylar. Ol öz döreden goşgularyny okady. Onuň goşgulary adamlaryň kalbyna ýol salýardy. Olarda millilik, türkmen halkyna, mähriban Watanymyza, owadan zenanlarymyza, ajaýyp tebigatymyza bolan söýgi öz beýänyny tapýardy. Ruhy lezzetden teşneligini gandyran okyjylaryň şatlygynyň çägi ýokdy.
Duşuşygyň ahyrynda şahyr: “Biz ýene-de Size täze goşgularymyzy okap bereris. Siziň bilen döredijilik duşuşygyny geçireris diýdi”. Soňra ol öz döreden “Dört gözel” goşgusyny okady. Goşgy akgynly okalýardy. Şahyr goşgyny labyzly okamagy ussatlarça başarýardy. Bu onuň täze ýazan goşgularynyň biri bolansaň, ol ony ilkinji gezek okaýardy. Ol goşgyny okap bolandan soňra zalda oturan okyjylar el çarpmak bilen şahyrdan

ýene-de täze goşgularyny okamagy haýyş etdiler.
Talantly türkmen şahyry, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Döwlet baýragynyň eýesi, Türkmenistan Ýazyjylar birleşiginde edebi geňeşçi bolup işleýän Gurbannazar Ezizowy döredijilik bilen meşgullanýan balkanlylar “Edebiýat we sungat” gazetiniň şygryýet bölüminiň müdiri bolup işlän döwründen bäri tanaýardylar. Onuň «Türkmen sährasy», «Daglar» ýaly goşgulary halk arasynda söýülip okalýady. Olara meşhur sazanda Nury Halmämmedow saz ýazandan soň owazasy alyslara ýaýrady. Şahyryň «Güýz» we «Serpaý» atly goşgular ýygyndysy neşir edilip, poemalary sahnalaşdyrylypdy.
Gurbannazar Ezizow çeperçilik serişdelerini, goşgy ýazylyş tärini ulanmakda özboluşlyly ugry saýlap alypdy.

2.

Megerem şonuň üçin bolsa gerek, onuň ýazan goşgularynyň her bir setiri çeperligi, çuň manylylygy bilen tapawutlanýardy. Gurbannazar Ezizow Ýazyjylar birleşiginiň Balkan welaýaty boýunça geňeşçisi, dürli ýyllarda «Edebiýat we sungat» gazetiniň, «Sowet edebiýaty» (häzirki «Garagum») žurnalynyň redaksiýalarynda, Ýazyjylar birleşiginde, Medeniýet ministrliginde dürli wezipelerde işlän, Türkmenistanyň halk ýazyjysy Ýylgaý Durdyýew bilen döredijilik duşuşyklaryny gurnap, olar bilen özara pikir alşardy. Zerur bolan halatynda ýaş awtorlara degerli maslahatlary, kömek- ýardamlary berip durýardy. Şol döwürde Sary Näzmeňliewiň, Baýmyrat Toýmyradowyň, Taganmyrat Goňurowyň, Annasoltan Gurdowanyň, Annagylyç Esenowyň, Amandurdy Gullaewiň, Orazmuhammet Begliýewiň döreden eserleriniň gazet-jurnallarda çap edilip, okyjylara ýetirilmegini gazanypdy.
Taganmyrat Goňurow geçen asyryň 70-njy ýyllarynda “Zähmetkeşler sesi” atly etrapara gazetiniň habarçysy bolup işledi. Şol ýyllarda etrapara gazetinde çap edilen degişmäm häzire çenli şahsy gaznamda saklanýar. Soň bir sapar atdaşym Baýramgulyýewiň “Mugallymlar gazetinde” “Gölejik”atly goşgusy, meniň “Pioner” jurnalynda “ Meniň ejem” atly makalam çap

edildi. Şonda Taganmyrat aga bizden beter begenip bizi gutlapdy.
Zehinli galamgär Taganmyrat Goňurow bilen döredijilik aragatnaşygymyz onuň Berekediň medeniýet bölüminde, “Zähmetkeşler sesi”, ”Zähmet baýdagy”, “Halk sesi”, “Hazyna” gezetlerinde, “Nebitdag” telestudiýasynda, Balkan welaýat müdirliginde işlän döwründe hem saklandy.
…1975-njy ýylyň sentýabr aýynyň ahyrky günleriniň howasy çigrekdi. Türkmenistanda Rossiýa Federasiýasynyň medeniýet günleri dowam edýärdi. Ýazyjy-şahyrlaryň Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda, Medeniýet öýünde , “Balkanbalyk” önümçilik kombinatynda bolup geçen çykyşlar halk tarapyndan gyzgyn garşylanypdy. Gyzylsuw adasynyň ilaty bilen geçirilen duşuşykdan soňra olar Bereket etrabynda döredijilik duşuşygyny geçirmelidiler.
Şol gün Taganmyrat Goňurow döredijilik bilen meşgullanýan adamlary şäher kitaphanasynyň okyjylar zalyna ýygnady. Duşuşyga gelýän döredijilik toparynyň arasynda gymmatly maslahatçymyz şahyr Gurbannazar Ezizowyň bardygy bizde uly gyzyklanma döredýärdi.
Gün öýleden agsa-da myhmanlardan habar ýokdy. Bir daşary çykyp, bir kitaphana girip, karar tapman ýören Taganmyrat aganyň aladasynyň ýetikdigini daşyndan aňmak kyn däldi.

3.

Etrabyň obalarynyň birinden gelen awtorlaryň biri gaýta-gaýta sagada seredýändigimi gördi-de:
– Söýgüliň bilen duşuşmaga howlugýarsyň öýdýän?-diýip, degişmek isledi.
– Dädem hassahanada, çaý-nahar eltmeli – diýip gönümden gelenimde, ol ýerliksiz degişmesi üçin ötünç sorady.
Tizara Taganmyrat Goňurow geldi-de, ýazyjy-şahyrlaryň döredijilik duşuşygynyň başga bir güne geçirilýändigini habar berdi.
Şol gün, ýagny 1975-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gurbannazar Eziziow aradan çykdy

diýen ajy habary eşidenimizde ýüregimiz sarsyp gitdi.
Hawa, wagt garaşmaýar. Ondan bäri 43 ýyldan gowrak wagt geçipdir. Göwnüme bolmasa, şol ýatda galan ýakymly günler edil düýn bolup geçen ýaly hakydamyzda saklanýar.
Bereket etrabynyň çäginde Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gurbannazar Eziziowyň hormatyna bina edilen ýadygärlik bar. Onuň daş-töweregin hemişelik gök öwüsýän baglar bezeýär. Bu ýere gelýänler halk şahyryny hormatlap onuň ýad ygärligine gül çemenlerini goýýarlar.
Şahyr Gurbannazar Ezizowyň ömri gysga, emma manyly boldy. Ýaşan ömründe öz ajaýyp goşgulary bilen okyjylaryň, söýgüsini gazanmaga ýetişen halk şahyry baradaky ýakymly ýatlamalar kalplarda ýaşaýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň täze röwüşde dikelmegi bilen Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gurbannazar Eziziowy döredijiligi hem öz ähmiýetini ýitirmäni okyjylara täze işlerde badalga berýär.

Şahymerdan SARY OGLY.

Ýatlamalar